# MAKUL HABAR

atawatanhabar@gmail.com

ATAVATAN TÜRKMENISTAN

IÝUL AÝYNYŇ 26-sy, 2025. №29


# «ELEKTRON HÖKÜMET» ULGAMY ÖSDÜRILÝÄR



Döwlet Baştutanymyz mejlisiň agzalaryna ýüzlenip, hemişe bolşy ýaly, jenaýat edendikleri üçin iş kesilen we eden etmişlerine ökünip, ak ýürekden toba gelen raýatlaryň günäsiniň geçilýändigini belledi. Şunuň bilen baglylykda, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Raýatlyk we günä geçmek meseleleri boýunça teklipleri taýýarlamak baradaky toparyň başlygy B.Gündogdyýewe söz berildi. Ol jenaýat edendikleri üçin iş kesilen raýatlaryň Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly mynasybetli günäsini geçmek boýunça bu toparyň geçiren işleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, asylly däbe eýerip, iş kesilen 247 raýatyň Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly mynasybetli günäsini geçmek baradaky Permana gol çekdi. Döwlet Baştutanymyz toparyň başlygyna hukuk goraýjy edaralaryň ýolbaşçylary bilen bilelikde günäsi geçilen adamlary tussaglykdan boşadyp, olaryň ýakyn wagtda öz öýlerine, maşgala agzalarynyň arasyna barar ýaly, ähli zerur işleri geçirmegi tabşyrdy. Arkadagly Gahryman Serdarymyz günäsi geçilen adamlara bolsa yhlasly zähmet çekip, eziz Watanymyza ak ýürekden hyzmat edip, halal zähmetiň hözirini görüp ýaşamaklaryny arzuw etdi.

### TÜRKMENISTANDA “SPECA GÜNLERI” GEÇIRILER

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow 2025-nji ýylda ýurdumyzyň Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýa ýurtlarynyň ykdysadyýetleri üçin Ýörite maksatnamasynda (SPECA) başlyklyk etmeginiň çäklerinde göz öňünde tutulan halkara çäreleri guramaçylykly geçirmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, degişli meýilnama laýyklykda, noýabr-dekabr aýlarynda Aşgabat şäherinde SPECA-nyň Ykdysady forumyny, Dolandyryjy geňeşiniň 20-nji mejlisini hem-de ugurlar boýunça iş toparlarynyň duşuşyklaryny geçirmek göz öňünde tutulýar. Şunuň bilen baglylykda, Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Türkmenistanyň BMG-niň Ženewadaky edarasynyň ýanyndaky hemişelik wekilhanasy, Ýewropa ykdysady komissiýasy bilen bilelikde “SPECA günlerini” guramaçylykly geçirmek boýunça taýýarlyk işleri alnyp barylýar. Oňa maksatnama agza ýurtlaryň ýokary derejeli wekilleriniň, Ýewropa ykdysady komissiýasynyň hem-de bu guramanyň beýleki ýöriteleşdirilen edaralarynyň ýolbaşçylarynyň we wekilleriniň, halkara bilermenleriň gatnaşmagy meýilleşdirilýär.

### “GALKYNYŞ” GAZ KÄNI ÖZLEŞDIRILÝÄR

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Amanow gözegçilik edýän ulgamlary, hususan-da, “Türkmengaz” döwlet konserni tarapyndan alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Nygtalyşy ýaly, häzirki wagtda “Galkynyş” gaz känini mundan beýläk-de netijeli özleşdirmek boýunça degişli işler dowam edýär. Aýratyn-da, bu ýerdäki önüm berýän gaz guýularynyň uzak wagtlap bökdençsiz we ygtybarly işlemegini üpjün etmek boýunça zerur çäreler görülýär. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklibi hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda «Galkynyş» gaz känini özleşdirmek boýunça netijeli işleriň alnyp barylýandygyny aýtdy. Döwlet Baştutanymyz gaz guýularyndaky işleri mundan beýläk-de netijeli dowam etdirmek maksady bilen, bu ugurda taýýarlanan teklibi makullady we wise-premýere degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

> ***Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere seredildi.***

### MEDENI MIRASYŇ GYMMATLYKLARY GORALÝAR

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa «Milli taryhy-medeni mirasyň gozgalýan gymmatlyklaryny döwlet tarapyndan hasaba almagyň Tertibini tassyklamak hakynda» Kararyň taslamasy barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, milli taryhy-medeni mirasyň gymmatlyklarynyň aýawly saklanylmagy, döwlet tarapyndan goralmagy ugrunda giň gerimli işler alnyp barylýar. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli Kararyň taslamasyny hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Diýarymyzda milli medeniýetimizi, sungatymyzy ösdürmek boýunça maksatlaýyn işleriň durmuşa geçirilýändigini aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz milli taryhy-medeni gymmatlyga eýe bolan serişdeleri döwlet tarapyndan hasaba almak we olaryň Döwlet sanawyny ýöretmek maksady bilen, bu ugurda taýýarlanan Karara gol çekdi we ony wise-premýere sanly ulgam arkaly iberip, degişli tabşyryklary berdi.

### ÝUNESKO BILEN KÖPUGURLY HYZMATDAŞLYK ÖSDÜRILÝÄR

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasy (ÝUNESKO) bilen köpugurly hyzmatdaşlygyny mundan beýläk-de ösdürmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, häzirki wagta çenli bu gurama bilen özara gatnaşyklaryň halkara hukuk binýadyny berkitmegiň çäklerinde Türkmenistan ÝUNESKO-nyň jemi 15 sany halkara hukuk resminamasyna goşuldy.

Sanly bilim hem-de bu ugra degişli öňdebaryjy halkara tejribeleri milli derejede ornaşdyrmak bilen bagly netijeli taslamalar Türkmenistanyň Bilim ministrligi bilen ÝUNESKO-nyň Bilim ulgamynda maglumat tehnologiýalary boýunça institutynyň arasynda gol çekilen “Ýol kartasynyň” çäklerinde üstünlikli durmuşa geçirilýär. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiziň BMG-niň çäginde öňe sürýän ynsanperwer başlangyçlaryny mundan beýläk-de iş ýüzünde amala aşyrmak maksady bilen, birnäçe teklipleriň taýýarlanylandygy bellenildi. Hususan-da, döwlet Baştutanymyzyň garamagyna şu ýylyň güýzünde Samarkant şäherinde ÝUNESKO-nyň Baş konferensiýasynyň 43-nji mejlisine ýurdumyzyň wekiliýetiniň gatnaşmagy baradaky teklip hödürlenildi.

Ýokarda agzalan “Ýol kartasynyň” çäklerinde Türkmenistanda şu ýylyň awgustynda 5 ugur boýunça utgaşykly görnüşde halkara maslahaty geçirmek teklip edilýär. Şolaryň hatarynda sanly bilim we emeli aň; Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmekde emeli aňyň ähmiýeti; emeli aňy milli bilim we ylym ulgamyna ornaşdyrmakda halkara tejribeler; sanlylaşdyrmak we emeli aň tehnologiýalary arkaly bilim ulgamyny döwrebaplaşdyrmak; milli hünärmenleriň hünär ukyplaryny ýokarlandyrmakda emeli aň tehnologiýalarynyň ähmiýeti ýaly ugurlar bar. Şunuň bilen baglylykda, maslahaty guramak boýunça Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň jogapkär edip kesgitlenilmegi teklip edilýär.

Şeýle hem döwlet Baştutanymyzyň goldaw bermeginde Türkmenistanyň Hökümeti bilen ÝUNESKO-nyň arasynda baglaşylan Çarçuwaly ylalaşyk boýunça döredilen maksatlaýyn gaznanyň çäklerinde birnäçe taslamalary bu gaznanyň hasabyna maliýeleşdirmek teklip edilýär. Şolaryň arasynda «Biziň mirasymyz»; «Ýaşlar, parahatçylyk we howpsuzlyk»; Türkmenistanda geoseýilgähi döretmek; gadymy Amul galasynyň goragyny berkitmek ýaly taslamalar bar.

### “ELEKTRON HÖKÜMET” ULGAMY ÖSDÜRILÝÄR

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Çakyýew ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ähli pudaklaryny sanlylaşdyrmak we olara döwrebap çözgütlere esaslanýan innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Wise-premýer döwlet edaralarynyň özara işiniň elektron maglumat ulgamy arkaly utgaşdyrylmagyny, sanly hyzmatlary düzgünleşdirmek, bu ugurda zerur kadalaşdyryjy hukuk namalaryny kabul etmek maksady bilen, «Elektron resminama, elektron resminama dolanyşygy we sanly hyzmatlar hakynda», «Elektron hökümet hakynda» Türkmenistanyň Kanunlaryna laýyklykda zerur işleriň alnyp barylýandygyny aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklip hödürlenildi.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz hasabaty diňläp, Diýarymyzda sanly ykdysadyýeti ösdürmek, döwlet edaralarynyň işini döwrebap guramak, innowasion tehnologiýalary önümçilige ornaşdyrmak boýunça maksatnamalaýyn işleriň alnyp barylýandygyny aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz ýurdumyzda «Elektron hökümet» ulgamy babatda taýýarlanan teklibi makullap, wise-premýere degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Soňra hormatly Prezidentimiz Ministrler Kabinetiniň agzalaryna ýüzlenip, şu gün Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly şu aýdaky soňky mejlisiniň geçirilýändigini, 1-nji awgustdan başlap oba hojalyk toplumynyň ýolbaşçylaryndan hem-de welaýat häkimlerinden beýleki ýolbaşçylaryň zähmet rugsadynyň başlanýandygyny aýtdy. Şeýle-de ýolbaşçylaryň ýurdumyzyň şypahanalarynda, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda saglygyny berkidip, dynç alyp biljekdikleri bellenildi. “Halkara çäreleriň geçýändigi bilen baglylykda, käbir ýolbaşçylar zähmet rugsady döwründe guramaçylyk işine hem gatnaşarlar” diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy. Hormatly Prezidentimiz ýolbaşçylaryň ählisine zähmet rugsady döwründe gowy dynç almagy arzuw etdi.

Mejlisde döwlet durmuşyna degişli başga-da birnäçe möhüm meselelere seredildi we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.


**“Türkmenistan” awiakompaniýasy” içerki gatnawlaryň tertibini täzeledi** 2





**AWAZA – halkara forumlaryň merkezi**

*Ýene birnäçe günden gojaman Hazaryň türkmen kenaryndaky «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahaty geçiriler.* 3





**Türkmen türgenleri «Ýüpek ýoly – 2025» rallisinde birinjiligi eýelediler**

*12-nji iýulda badalga alan Russiýa Federasiýasyndan Mongoliýa Respublikasyna uzaýan «Ýüpek ýoly – 2025» rallisi 22-nji iýulda tamamlandy.* 4




cmyk

# MILLI LIDERIMIZ BMG-NIŇ AWAZA FORUMYNYŇ TAÝÝARLYK IŞLERI BILEN TANYŞDY



Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow ir bilen Türkmenbaşy Halkara howa menziline geldi we bu ýerde döredilen döwrebap şertler bilen tanyşdy.

Milli Liderimiz howa menzili bilen tanyşlygyň dowamynda bu ýerde ýerleşýän söwda nokatlarynda hyzmatlaryň ýokary hiliniň üpjün edilmelidigini, myhmanlar üçin ýörite sowgatlyklaryň taýýarlanylmalydygyny belläp, öz maslahatlaryny berdi. Howa menziliniň söwda nokatlarynda türkmen telekeçileri tarapyndan öndürilýän önümleriň dürli görnüşleri hödürlenilýär.

Milli Liderimiz howa menziliniň halkara gatnawlaryň ýolagçy terminalyna geldi we pasportlary resmileşdirmek nokadyndan geçdi. Soňra Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy gümrük geçiş nokadyndan geçdi we bu ýerde döredilen döwrebap şertler bilen tanyşdy.

Gahryman Arkadagymyz Türkmenbaşy Halkara howa menziline gelip gowşan täze tehnikalaryň aýratynlyklary bilen tanyşdy. Hormatly Arkadagymyz ýokary tizlikli sport awtoulagynda howa menziliniň uçuş-gonuş zolagynyň tekizligini, uçarlaryň uçmagy we gonmagy üçin amatlylyk ýagdaýyny hem synagdan geçirdi.

> ❞ *Balkan welaýatynda iş saparynda bolan türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow awgust aýynyň başynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahatyny ýokary derejede geçirmek babatda guramaçylyk döwlet toparynyň alyp barýan taýýarlyk işleriniň ýagdaýy bilen tanyşdy.* ❞

Gahryman Arkadagymyz ýolugra howa menziline barýan ýoluň özboluşly aýratynlyklaryny synlady. Soňra türkmen halkynyň Milli Lideri “Awaza” milli syýahatçylyk zolagynda ýerleşýän dabaraly medeni çäreleriň geçiriljek ýerine geldi hem-de bu ýerde alnyp barylýan gurluşyk işleriniň barşy bilen tanyşdy.

Halkara foruma taýýarlygyň çäklerinde bu ýerde abadanlaşdyryş we enjamlaşdyryş işleri ýokary depginde dowam edýär. Dürli medeni çäreleriň, aýratyn-da, konsertleriň şowhunly geçirilmegi üçin ähli şertler döredilýär. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy maslahatyň ähmiýeti barada aýdyp, bu ýerde ýerine ýetirilýän işlere toplumlaýyn çemeleşmegiň, hususan-da, awtoduralgalaryň göz öňünde tutulmalydygyny nygtady. Şeýle hem Gahryman Arkadagymyz milli tagamlaryň sergisine gowy taýýarlyk görmegiň we ony ýokary derejede geçirmegiň möhümdigini aýtdy.

Soňra türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedow Hazar deňzinde gämili ýüzüşi amala aşyrdy.

Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministri B.Gündogdyýew ýurdumyzyň deňiz çäklerinde, aýratyn-da, halkara forumyň geçiriljek döwründe tertip-düzgüniň berjaý edilişine gözegçiligi amala aşyrjak dürli görnüşli gämileriň aýratynlyklary barada maglumat berdi.

Gahryman Arkadagymyz gämi arkaly ýüzüşiniň dowamynda deňiz giňişliginde tertip-düzgüniň berjaý edilişini gözegçilikde saklaýan gämileri synlap, deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça forumyň ýokary guramaçylyk derejesinde geçirilmegi ugrunda ähli tagallalaryň edilmelidigini belledi.

Soňra Balkan welaýatynda iş saparynda bolýan türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow iş maslahatyny geçirdi. Onda BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahatyny ýokary guramaçylyk derejesinde geçirmek bilen bagly meselelere seredildi.

Hormatly Arkadagymyz çäreleriň geçirilýän döwründe Türkmenistanyň harby we hukuk goraýjy edaralary tarapyndan jemgyýetçilik tertip-düzgüniniň, howpsuzlygyň berjaý edilmegini gözegçilikde saklamagyň möhümdigine ünsi çekdi. Şeýle hem Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy forumyň çäklerinde guraljak medeni-ynsanperwer çäreleriň, aýratyn-da, Merkezi Aziýa ýurtlarynyň milli günleriniň hormatyna guraljak dostluk konsertiniň, milli tagamlaryň festiwalynyň guramaçylyk derejesine ähmiýet berilmelidigini belledi we bu babatda öz maslahatlaryny berdi. Şunuň bilen bir hatarda, maslahaty we onuň çäklerinde geçiriljek çäreleri giňden beýan etmek üçin internet serişdeleriniň netijeli peýdalanylmagyna aýratyn üns berilmelidir.

## Türkmen wekiliýeti Türki dünýäsiniň kino ýolbaşçylarynyň mejlisine gatnaşdy

Türkiýäniň Stambul şäherinde Türki dünýäsiniň kino ýolbaşçylarynyň 2-nji duşuşygy geçirildi. Türki medeniýetiň halkara guramasy (TÜRKSOÝ) tarapyndan guralan duşuşyga TÜRKSOÝ-yň Baş sekretary Sultan Raýew hem-de Azerbaýjandan, Gazagystandan, Gyrgyzystandan, Özbegistandan, Türkmenistandan we Türkiýeden kino pudagynda jogapkär wezipelerde işleýän ýokary derejeli wekiller gatnaşdylar.



Duşuşykda Türkmenistana Oguzhan adyndaky «Türkmenfilm» birleşiginiň başlygynyň orunbasary Sahysalyh Baýramow we Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komitetiniň halkara gatnaşyklar bölüminiň başlygy Annageldi Atanazarow wekilçilik etdiler. Bu barada TÜRKSOÝ-yň metbugat gullugy habar berdi.

Bu duşuşyk TÜRKSOÝ-yň Hemişelik geňeşiniň 40-njy mejlisinde kabul edilen kararlara laýyklykda, kino materiallaryň medeni mirasy gorap saklamakda we ony geljekki nesillere ýetirmekdäki möhüm ornuny görkezmek hem-de bu ugurdaky hyzmatdaşlygy resmi taýdan ýola goýmak maksady bilen guraldy. Bu gurşawda mundan ozal Özbegistanyň paýtagty Daşkentde geçirilen ilkinji duşuşykda kino ugrundaky hyzmatdaşlygy ösdürmek we utgaşykly hereketi üpjün etmek üçin TÜRKFİLM – Türki dünýäsiniň kino ýolbaşçylarynyň bileleşigini döretmek kararyna gelnipdi.

## Türkmenistanda dalaşgärler üçin «MenTalyp» mobil goşundy döredildi

Türkmenistanda ýokary okuw jaýlaryna girmek isleýän ýaşlar üçin niýetlenen «MenTalyp» atly täze mobil goşundy Google Play-de elýeterli boldy.

Goşundy dört esasy bölümden ybarat:

Esasy — bu ýerde saýlan okuw jaýyňyza näçe dalaşgär resminama tabşyrandygy we olardan näçesi okuwa kabul ediljegi barada wajyp maglumatlar we giriş synaglaryna galan wagt görkezilýär.

Sapaklar — bu bölümde islendik ders boýunça sapaklar we giriş synaglaryň soragnamalaryna duşup biljek soraglara jogaplar elýeter.

Okuwlar — Türkmenistanyň ähli ýokary okuw jaýlarynyň sanawy we olaryň ugry, fakultetleri hakynda giňişleýin maglumatlar ýerleşýär.

Profil — ulanyjynyň şahsy maglumatlary, töleg kartlaryny girizmek we abuna ýazylmak mümkinçiligi bolan bölüm. Tölegler Türkmenistanyň islendik bank kartasy arkaly amala aşyrylýar. 6 aýlyk abuna bolmagyň bahasy 30 manat.

## “Türkmenistan” awiakompaniýasy” içerki gatnawlaryň tertibini täzeledi

“Türkmenistan” awiakompaniýasynyň resmi web sahypasy 2025-nji ýylyň 25-nji iýulynda güýje girjek içerki uçuşlaryň üýtgedilen tertibini çap etdi. Täze meýilnama laýyklykda, iň ýokary ýygylykly howa gatnawy, ýagny hepdäniň gününe baglylykda günde ýedi uçuş Aşgabat-Daşoguz ugrunda amala aşyrylmagy meýilleşdirilýär.

Awiakompaniýa Aşgabat-Türkmenabat ugrunda günde alty uçuş amala aşyrmagy meýilleşdirýär. Aşgabat-Mary ugrunda hepdäniň gününe baglylykda dürli ýygylykly dört uçuş bilen hyzmat eder. Aşgabat-Balkanabat ugry üçin her gün T5-253 uçuşyny goşmak bilen dört uçuş meýilleşdirilýär, howa gämisi sagat 10:00-da uçar.




Täze meýilnama, şeýle hem Daşoguz, Türkmenabat, Mary we Balkanabat aralygyndaky gatnawlary öz içine alýan sebitara ugurlaryň ösdürilmegini göz öňünde tutýar, bu ýolagçylara paýtagtymyzyň üsti bilen geçmezden welaýat merkezleriniň arasynda syýahat etmäge mümkinçilik berer.

Dürli ýygylykdaky dört uçuş bilen Aşgabat-Kerki ugruna hem aýratyn üns berilýär. Awiakompaniýa, uçuş wagtynyň üýtgäp biljekdigini we käbir uçuşlaryň giden gününden bir gün soň gelýändigini belleýär. Ýolagçylara syýahatlaryny meýilleşdirmezden ozal iň soňky uçuş maglumatlaryny barlamak maslahat berilýär.

## “Türkmenistan” awiakompaniýasy çagalar üçin goşmaça howa gatnawlary ýola goýar

2025-nji ýylyň 17–26-njy awgusty aralygynda Mary, Lebap we Daşoguz welaýatlarynyň çagalarynyň «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyndaky sagaldyş-dikeldiş merkezlerine äkidip-getirmek maksady bilen, «Türkmenistan» awiakompaniýasy tarapyndan goşmaça howa gatnawlary amala aşyrylýar.

Şonuň çäklerinde 2025-nji ýylyň 17-nji iýulynda Türkmenabat–Balkanabat, Daşoguz–Balkanabat we Mary–Balkanabat ugurlary boýunça uçuşlar ýerine ýetirildi.

Gaýdyş gatnawlary bolsa 26-njy iýulda Balkanabat–Türkmenabat, Balkanabat–Daşoguz we Balkanabat–Mary ugurlary boýunça amala aşyrylar.

Bu çäreler tomus dynç alyş möwsüminde çagalaryň netijeli dynç almagyny, saglygynyň dikeldilmegini üpjün etmek bilen bir hatarda, döwletiň ýaş nesle berýän aýratyn ünsüni hem açyk görkezýär.








# AWAZA – HALKARA FORUMLARYŇ MERKEZI

*Ýene birnäçe günden gojaman Hazaryň türkmen kenaryndaky «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahaty geçiriler. Döredilen gününden bäri köp sanly halkara forumlaryň, maslahatlardyr iri sport ýaryşlarynyň geçirilen ýerine öwrülen «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy barada käbir maglumatlary hem ýatlap geçsek ýerlikli bolar.*

THIRD UNITED NATIONS CONFERENCE ON LANDLOCKED DEVELOPING COUNTRIES
AWAZA 2025

## «AWAZA» MILLI SYÝAHATÇYLYK ZOLAGY

Türkmenistanyň ykdysadyýetinde uzak geljegi nazarlaýan strategik taslama bolan «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň döredilmeginiň taryhy 2007-nji ýylyň maýyndan gözbaş alýar. Şol aýda Türkmenbaşy şäherinde Türkmenistanyň, Russiýanyň we Gazagystanyň Prezidentleriniň duşuşygy bolup, onda Gahryman Arkadagymyz deňiz ýakasynda dünýä derejeli syýahatçylyk zolagyny döretmek başlangyjyny öňe sürdi. 2007-nji ýylyň iýun aýynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň tanyşdyrylyş dabarasy geçirildi. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007-nji ýylyň 24-nji iýulynda gol çeken «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyny döretmek baradaky taryhy Karary we bu ägirt uly taslamanyň durmuşa geçirilmegine badalga berildi.

2009-njy ýyldan 2016-njy ýyl aralygynda iri göwrümli taslamanyň çäklerinde «Watançy», «Hazyna», «Çarlak», «Nebitçi», «Kuwwat», «Kerwen», «Seýrana», «Täjir», «Berkarar», «Merdana», «Bagtyýar», «Şamekan», «Hazar» we «Gämi» myhmanhanalary, «Daýanç» hem-de «Arzuw» çagalar sagaldyş-dynç alyş merkezleri, «Älemgoşar», «Deňiz merjeni» we «Jadyly kenar» dynç alyş toplumlary, «Awaza» derýasy hem-de Türkmenbaşy şäherinde sebitde iň uly we iň häzirki zaman Halkara howa menzili, uly söwda toplumydyr beýikligi 100 metr bolan Baýdak binasy, «Daýanç» hem-de «Ýelken» atly binalar, «Awaza» sport toplumy, «Awaza» kongresler merkezi, Türkmenistanyň Daşary ykdysady iş bankynyň şahamçasy, «Ak ýelken» kottejler toplumydyr ýaht-klub, «Tolkun» kottejler toplumy we beýleki onlarça desgalar gurlup ulanmaga berildi.

2013-nji ýylyň iýulynda syýahatçylyk zolagynda dynç alýanlaryň sanynyň artýandygyny we çäginiň giňelýändigini göz öňünde tutup, Milli Liderimiz ähli gulluklary bilen bilelikde, dolandyryş düzümleriniň ikisini – Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy şäheriniň Awaza etrabynyň we Kenar etrabynyň häkimliklerini döretmek hakyndaky Karara gol çekdi.

2018-nji ýylyň iýulynda halkara ölçeglere laýyk gelýän 9 gat binaly, birbada 200 adamy kabul etmäge niýetlenen «Awaza» şypahanasy hem-de gyşky we tomusky akwaparky, onlarça dükanlary we söwda merkezini, kafeleridir restoranlary, amfiteatry, myhmanhanany, emeli daglary, kölleri, suw şaglawuklaryny, dag çeşmejiklerini öz içine alýan dynç alyş merkezli «Awaza» akwaparky açyldy.

Jemläp aýdylanda, bu ýerde bir wagtyň özünde dynç alýanlaryň 11 müňden gowragyny kabul edip bilýän syýahatçylyk desgalarynyň 40-a golaýy hereket edýär.

## AWAZADAKY HALKARA FORUMLAR WE MASLAHATLAR

2019-njy ýylyň 12-nji awgustynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda birinji Hazar ykdysady forumy hem-de Türkmenbaşy şäheriniň Halkara deňiz portunda halkara Hazar innowasion tehnologiýalar sergisi we «Türkmen sährasy – 2019» atly halkara awtosergisi geçirildi.

2021-nji ýylyň 6-njy awgustynda Hazaryň türkmen kenarynda Merkezi Aziýanyň döwletleriniň Baştutanlarynyň nobatdaky konsultatiw duşuşygy boldy. Forumyň çäklerinde Merkezi Aziýa ýurtlarynyň Zenanlarynyň dialogy, sebit ýurtlarynyň halkara sergisi, ykdysady forumy, milli tagamlaryň sergisi, sungat ussatlarynyň dabaraly baýramçylyk konserti hem guraldy.

«Awaza – 2023» atly halkara tans we folklor festiwaly, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda «Awaza – dostluk mekany» atly halkara tans we folklor festiwaly geçirildi.

2022-nji ýylda Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň ulag ministrleriniň derejesindäki halkara maslahaty geçirildi.



## Türkmen türgenleri «Ýüpek ýoly – 2025» rallisinde birinjiligi eýelediler

12-nji iýulda badalga alan Russiýa Federasiýasyndan Mongoliýa Respublikasyna uzaýan «Ýüpek ýoly – 2025» rallisi 22-nji iýulda tamamlandy.

4811,58 kilometrlik menzil boýunça bäsleşen Türkmenistanyň türgenleri T2 kategoriýasynda öňdeligi eýelediler. Doganlar Toýlyýewler T2 kategoriýasynda ýeňiş gazanyp, bu ugurda birinji bolmagy başardylar. Merdan we Şöhrat Toýlyýewler 2-nji gezek bu rallide ýeňiji bolmagyň hötdesinden geldiler.

Ralli ýaryşynyň başlan wagtyndna soňuna çenli T2 kategoriýasynda türkmen ralli türgenlerine taý tapylmady. Ilkibaşda Maksatmyrat Daňatarow öňdeligi eýelän bolsa, soňky tapgyrlarda doganlar Toýlyýewler öňe saýlandy.

Şeýlelikde, Merdan we Şöhrat Toýlyýewler 2022-nji ýylda «Ýüpek ýoly» rallisinda gazanan üstünliginden soňra 3 ýyldan soňra ýene-de medal basgançagynyň iň ýokary derejesine çykdylar.



**T2 KATEGORIÝASYNYŇ ÝEŇIJILERI:**

- **1-nji orun:** ***Merdan we Şöhrat Toýlyýew***
- **2-nji orun:** ***Meýlis Abdullaýew we Italmaz Çaryýew***
- **3-nji orun:** ***Maksatmyrat Daňatarow we Didar Orazmedow***

## Hytaýda internet ulanyjylarynyň sany 1,12 milliarddan geçdi

2025-nji ýylyň iýun aýyna çenli Hytaýda internet ulanyjylarynyň sany 1,12 milliard adamdan geçdi diýip, Hytaýyň Tor Maglumaty Merkezi (CNNIC) tarapyndan ýaýradylan hasabatda aýdylýar.



Internetiň ýaýramagynyň derejesi 79,7%-e ýetdi, bu görkeziji 2024-nji ýylyň dekabry bilen deňeşdirilende 1,1 göterimlik punkt ýokarlandy.

Hasabatda görkezilişine görä, Hytaý 14-nji bäş ýyllyk meýilnama (2021–2025) döwründe sanly ösüşde, esasan hem ýaşuly adamlara we oba ýaşaýjylaryna internet elýeterliligini artdyrmakda uly üstünlik gazandy. 2025-nji ýylyň iýun aýynda 60 ýaşdan uly internet ulanyjylarynyň sany 161 milliona, oba ýerlerinden gelen ulanyjylaryň sany bolsa 322 milliona ýetdi. Bu toparlaryň arasynda internet elýeterlilik derejesi degişlilikde 52% we 69,2% boldy.

Hasabatda sanly tehnologiýalaryň Hytaý medeniýetini içerki we halkara derejede ilerletmekdäki ähmiýeti hem bellenilýär. Hususan-da, 2024-nji ýylda hytaý onlaýn edebiýatynyň daşary ýurt bazary 5 milliard ýuandan (takmynan 700 million ABŞ dollary) geçdi. CNNIC-iň maglumatlaryna görä, bu eserler 200-den gowrak ýurda we sebitlere ýetdi, daşary ýurtly okyjylar bolsa 350 milliondan geçdi. Hytaý edebiýatyna bolan gyzyklanmanyň iň çalt artan ýurdy Ýaponiýa boldy – okyjylaryň sany 180% ýokarlandy.

CNNIC şeýle hem emeli intellekt ulgamynda uly üstünlikleriň gazanylandygyny belläp geçýär. 2025-nji ýylyň mart aýyna çenli Hytaýyň Kibergiňişlik dolandyryş gullugynda 346 sany emeli intellekt hyzmaty bellige alyndy.

## Ýaponiýa ABŞ-a 550 milliard dollar maýa goýýar

**Ýaponiýa ABŞ-a söwda ylalaşygynyň şertlerine görä, 550 milliard dollar maýa goýýar. Bu şertlere görä, Ýaponiýadan gelen harytlara 15% salgyt salnar.**

**Bu barada ABŞ-nyň Prezidenti Donald Tramp «Truth Social» jemgyýetçilik tory arkaly habar berdi.**

**«Biz Ýaponiýa bilen uly geleşik baglaşdyk, belki-de bu şu wagta çenli baglaşylyn iň uly şertnamalaryň biridir» diýip, Tramp belledi.**



**Amerikanyň Lideriniň bellemegine görä, Ýaponiýa ABŞ-a 550 milliard dollar maýa goýýar we ABŞ 90% peýda alar. Şeýle hem bu ylalaşyk müňlerçe iş orunlaryny döreder.**

**Amerikanyň hökümetiniň beren maglumatlaryna görä, 2024-nji ýylyň jemleri boýunça ABŞ bilen Ýaponiýa arasynda haryt dolanyşygy 227,9 milliard dollar bolupdyr. ABŞ-dan Ýaponiýa iberilen harytlar 79,7 milliard dollara, Ýaponiýadan ABŞ-a gelen harytlar bolsa 148,2 milliard dollara barabardyr.**

**Şeýle hem ABŞ Filippinler bilen hem söwda ylalaşygyna gol çekdi. Bu ylalaşyga laýyklykda, Filippinler 19% möçberinde paj tölärler.**

## Polşada ýurduň taryhynda iň uly nebit we gaz käni açyldy

**Polşanyň demirgazyk-günbatarynda, Şesina şäheriniň golaýynda ýurduň taryhynda iň uly nebit we gaz käniniň tapylandygyny «Central European Petroleum» (CEP) kompaniýasy habar berdi.**



**Kän Baltika deňziniň kenarynda Şesina şäheriniň ýanynda ýerleşýär. Kompaniýanyň beýanatyna görä, kän 22 million tonna nebit we 5 milliard kubometr harytlyk derejesindäki tebigy gazy öz içine alýar. Käniň jemi nebitiň ätiýaçlygy takmynan 33 milliard tonna, gazyňky bolsa 27 milliard kubometr diýlip çaklanylýar.**

**Ilkinji burawlanan guýy – Wolin East 1 – 9,5 metr çuňlukda gurlupdyr. Buraw işleri fewral aýynda tamamlanýar. CEP-niň ýolbaşçysy Rolf G. Skaar bu açyşy kompaniýa we Polşanyň energetika pudagy üçin taryhy pursat diýip atlandyrdy. «Central European Petroleum» – paýnamalarynyň esasy bölegi norwegiýalylara degişli bolan kanadaly kompaniýa.**

## Katar 2036-njy ýylda Olimpiýa oýunlaryny kabul etmäge taýýar

Katar 2036-njy ýylda tomusky Olimpiýa we Paralimpiýa oýunlaryny geçirmek üçin Halkara Olimpiýa Komiteti (HOK) bilen gepleşikler alyp barýar. Bu barada komitetiň beýannamasynda bellenilýär. Katar Olimpiýa Komitetiniň prezidenti Joan bin Hamad Al-Tani aýtmagyna görä, häzir ýurduň sport infrastrukturasynyň 95%-i Olimpiýa oýunlaryny geçirmäge taýýardyr. «Biz ähli desgalaryň doly taýýarlygyny üpjün etmek üçin toplumlaýyn milli meýilnamamyz bar. Bu meýilnama jemgyýetçilik, ykdysady we daşky gurşaw taýdan durnukly mirasy döretmek üçin uzak möhletleýin konsepsiýa esaslanýar» diýip, ol aýtdy. Katar Ýakyn Gündogarda Olimpiýa oýunlaryny geçirmegi üçin hukuga eýe bolan ilkinji ýurt bolup biler. 2022-nji ýylda ýurduň çäginde futbol boýunça dünýä çempionaty geçirildi, soňky 10 ýylyň dowamynda ýurduň çäginde Olimpiýa oýunlarynyň sport ugurlary boýunça alty halkara çempionat üstünlikli geçirildi.




## Nýu-Ýork we Nýu-Jersi futbol boýunça dünýä çempionatyndan 3,3 milliard dollar girdeji alar

**Nýu-Ýork şäheri we Nýu-Jersi ştaty 2026-njy ýylda geçiriljek futbol boýunça dünýä çempionatyndan 3,3 milliard dollar girdeji gazanar. Bu barada «Bloomberg» neşiri habar berýär. Dünýä çempionatynyň sekiz duşuşygy, şol sanda final oýny Nýu-Jersi ştatynda ýerleşýän «MetLife» stadionynda geçiriler.**




**Hökümetler çempionata takmynan 1,2 million syýahatçynyň we janköýeriň gelmegine garaşýarlar, bu bolsa sebitiň sarp ediş çykdajylarynyň takmynan 1,7 milliard dollar artmagyna getirip biler.**

**Hasaplamalara görä, dünýä çempionaty 26 müň täze iş ornuny döreder, zähmet bazarynyň ýokarlanmagy bolsa şäheriň we ştatyň ykdysadyýetine goşmaça 1,3 milliard dollar girdeji getirer. Ýerli býujet üçin goşmaça salgyt girdejileri we ýygymlar takmynan 432 million dollar bolar. 2026-njy ýyldaky futbol boýunça dünýä çempionaty 11-nji iýun – 19-njy iýul aralygynda ABŞ-da, Kanadada we Meksikada ýerleşýän 16 şäherde geçiriler. Bu ýaryşa ilkinji gezek 48 topar gatnaşar.**

## Reşford "Barselona" toparynyň 36 ýyldan soň ilkinji iňlis futbolçysy boldy

**Ispaniýanyň "Barselona" topary Angliýanyň "Mançester Ýunaýted" toparynyň futbolçysy Markus Reşfordy kärendesine aldy. Şeýlelikde, Reşford 1989-njy ýyldan soňra ispan toparynda çykyş edýän iňlis futbolçy bolar. Bu barada "Barselona" toparynyň metbugat gullugy habar berdi.**

**Gazanylan şertnama bir möwsüm üçin göz öňünde tutulandyr we şeýle hem futbolçyny satyn almak hem göz öňünde tutulýar.**




**Soňky gezek 36 ýyl mundan ozal, Gari Lineker "Barselona" toparynda çykyş eden iňlis futbolçy bolupdy. Ol ispan toparynyň düzüminde 1986-1989-njy ýyllarda oýnapdy.**

**Markus Reşford "Mançester Ýunaýted" toparynyň düzüminde ýetişen futbolçy. Ol geçen möwsümde Angliýanyň "Aston Willa" toparyna kärendesine berlipdi. Reşford "Mançester Ýunaýted" toparynyň düzüminde 2 gezek Angliýanyň Kubogyny we Liga kubogyny, şeýle hem bir gezek Ýewropa Ligasynyň kubogyny we Angliýanyň superkubogyny gazandy.**

**Reşford Angliýanyň milli ýygyndysynyň düzüminde 62 duşuşykda oýnady.**

## Messi Ronaldodan öňe saýlandy

**ABŞ-nyň «Inter Maýami» toparynda çykyş edýän argentin ýyldyz Lionel Messi Saud Arabystanynyň «Al-Nasr» toparynda oýnaýan Kristiano Ronaldodan futbol karýerasynda 11 metrlik jerime urgularyndan başga geçiren gollarynyň sanynda öňe saýlandy. Lionel Messi öz toparynyň myhmançylykda «Nýu-Ýork Red Bullz» topary bilen geçiren duşuşygynda ýene-de 2 gol geçirdi. Messiniň topary 5:1 hasabynda üstün çykdy.**



**Şeýlelikde Messi karýerasy boýunça gollarynyň sanyny 874-e ýetirdi. Şol gollarynyň 764-sini 11 metrlik jerime urmazdan geçireği başardy.**

**Ronaldonyň gollarynyň sany 938-e deň bolup, on bu gollaryndan 175-sini 11 metrlik jerime urgularyndan geçirdi. Messi karýerasy boýunça 1114 duşuşykda, Ronaldo bolsa 1281 duşuşykda oýnady.**

**Lionel Messi soňky geçiren 7 duşuşygynyň 6 duşuşygynda 2 goldan geçirmegi başardy. Ol ABŞ-nyň futbol çempionatynyň taryhynda yzly-yzyna 5 duşuşykda 2 gol geçirmegi başaran ilkinji futbolçy bolup, rekord goýdy.**

**Ronaldo we Messi futbol taryhynda iň köp gol geçiren futbolçylarynyň sanawynda degişlilikde birinji we ikinji orunlary eýeleýär.**

## 46 ýaşynda dünýä çempiony bolmak başartmady

Meşhur filippinli boksçy Menni Pakýao 66.68 kg agramda Bütindünýä Boks Geňeşiniň (WBC) çempionlyk derejesindäki tutluşygynda amerikaly boksçy Mario Barriosy ýeňip bilmedi. 46 ýaşyndaky boksça dünýä çempiony bolmak başartmady.



ABŞ-nyň Las-Wegas şäherinde geçirilen tutluşyk deňme-deň tamamlandy. Pakýao 4 ýyllyk arakesmeden soňra ilkinji tutluşygyna çykdy. Ol 2021-nji ýylda kubaly boksçy Ýordenis Ugasiden ýeňlipdi. 46 ýaşyndaky Pakýao 62 ýeňiş gazanyp, 8 gezke ýeňildi we 3 tutlşyk deňme-deň tamamlandy. Ol boks taryhynda 8 dürli agyr agramda dünýä çempiony bolmagy başaran ýeke-täk türgendir. Ol uzak ýyllaryň dowamynda agramyna garamazdan, dünýäniň iň güýçli boksçylarynyň biri hasaplanýar.

## Dünýäniň absolýut çempionlygyny gaýdyp aldy

Ukrainaly boksçy Aleksandr Usik agyr agramda professional boksçylaryň arasynda dünýäniň absolýut çempionlygyny gaýdyp aldy. Ol 12 tapgyrdan ybarat bolan London şäherinde geçirilen boks tutluşygynda britan boksçy Daniel Dýubuanyň 5-nji tapgyrda nokaut bilen ýeňmegi başardy. Bu boksçylar 2-nji gezek duşuşdylar. Olaryň arasynda 2023-nji ýylda geçirilen tutluşykda ukrain boksçy 9-njy tapgyrda ýeňipdi.



Nobatdaky ikinji duşuşyk hem ukrain boksçynyň işjeň hereketleri bilen başlady. Tutluşygyň 5-nji tapgyrynda ukrainaly boksçy britan garşydaşyny birnäçe dürs urgular bilen nokaut etmegi başardy. 38 ýaşyndaky Usik 5 gezek Bütindünýä Boks Assosiasiýasynyň (WBA) we Bütindünýä Boksa Guramasynyň (WBO) çempionly derejesini gorady. Şeýle hem ol 2 gezek Bütindünýä Boks Geňeşiniň (WBC) guşagyny aldy we Halkara Boks Federasiýasynyň (IBF) dünýä çempiony derejesini gazandy.